# Bentler…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Bentler… BENTLER

Arakmy, konýakmy, üzüm şeraby,
Jomart ýigit aldygna pul sowurdy.
Erte hassa ene sarganda derman,
Ýüzi turşap, jübüsini çöwürdi.

Uzak gije seýil etdi kosmosa,
Görseňizläň, bu şerabyň oýnuny.
Hälki gerçek ýigit erteden soňra,
It ketekden çykaryp dur boýnuny.

Atajan MYRADOW.

- **GORKY**

Oglankam gorkardym öwlüýälikden,
Baraýsam, ölüler turaýjak ýaly.
Öz eziz atamyň käbir hatama,
Urmadyk şarpygyn uraýjak ýaly.

Indem gezip ýörün hiç aýryp bilmän,
Gorkaklygyň halkasyny boýnumdan.
Ýöne welin, ölüleň däl, ynanyň,
Gorkýan käbir dirileriň oýnundan.

Tirkiş MÄMMETWELIÝEW.

«MURGAP» gazeti. 09.01.1986 ý. Goşgular